# Kowid waksinasy we bir terakt

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kowid waksinasy we bir terakt KOWID WAKSINASY WE BIR TERAKT

Bu terakt barada…
Türk mediýasy beýlede dursun, bütindünýä mediýasynyñam kän bir ýazyp durmaýan maglumatlaryny ýazaýyn:
**Mohsen Fahrizadeh Mahabadi**…
Elli sekiz ýaşly eýranly fizik…
1992-nji ýylda **Ymam Hüseýin adyndaky uniwersitetde** okadyp başlady. ABŞ-nyñ Prezidenti **Jorj Buşu**ñ döwründe 2007-nji ýylda MRU-nyñ beren seljermesine görä onuñ ylmy karýerasy "gizlindi": ol Eýranyñ ýadro ýaragyny öndürmek boýunça maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmegiñ iñ ýokary wezipeli ygtyýarlysydy!
Günbataryñ kontrrazwedka gulluklary Fahrizadäniñ Eýranyñ **"Project 111"** ýadro maksatnamasyna jogapkär adamdygyny öñe sürdi. Eýran bu aýyplamalary inkär etdi. "*Ýadro maksatnamasy ilkinji nobatda urany baýlaşdyrmak işine üns berýärdi.*"
Eýran özüni näme diýip aklasa-da, Fahrizadeh barybir Günbataryñ habar beriş serişdeleriniñ didiwanyna mündürildi:
**"Sunday Times"** gazeti 2007-nji ýylda Fahrizadäniñ Eýranyñ ýadro maksatnamasy boýunça jogapkär FEDAT-yñ başlygydygyny ýazdy.
**"Guardian"** gazeti 2010-njy ýylda Fahrizadäniñ Eýranyñ ýadro maksatnamasynyñ iñ esasy jogapkär adamydygyny ýazdy.
**"Wall Street Journal"** 2012-nji ýylda Fahrizadä **"Tähranyñ atom ýaraglarynyñ gurusy"** adyny berdi.
**"New York Times"** gazeti 2014-nji ýylda Fahrizadä Oppenheýmeriñ (ilkinji ýadro bombasyny oýlap tapan) bir görnüşi hökmünde baha berdi.
Aýdylmadyk, diýilmedik zat barmy… Ysraýylyñ premýer-ministri **Benýamin Netanýahu** 2018-nji ýylda telegepleşikleriñ birinde eden çykyşynda Fahrizadäniñ ýadro ýaragy maksatnamasynyñ ýolbaşçysydygyny aýtdy.

Şol sanda: iň soňky gezek ABŞ-nyň Daşary işler ministrligi 2020-nji ýylyň iýun aýyndaky habarnamasynda Eýranyň ýadro maksatnamasynyň üstündr Fahrizadäň ýolbaşçylygyndaky toparyň işläp ýörendigini ýazdy.
Soňam… 2020-nji ýylyň 27-nji noýabrynda, geçen hepdäniň anna güni onuň janyna kast edildi.
Bütin dünýäniň habar beriş serişdeleri, şol sanda biziň metbugatymyzam Fahrizadäniň ýadro maksatnamasynyň amala aşmagyna bökdençlik döretmek maksady bilen **MRU** ýa-da **MOSSAD** tarapyndan öldürülendigini ýazdy.
Dûýp sebäp şumudy?

■ **WAKSINANY TAPAN TOPARYŇ ÝOLBAŞÇYSY**

2020-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Eýranyň Saglygy goraýyş ministri **Said Namaki** eden çykyşynda özlerçe işläp taýýarlan kowid-19-yň waksinasyny adamlarda synag etmäge başlanjakdygyny mälim etdi.
Geçen hepdäniň anna güni… Eýran bilen Russiýanyň arasynda waksina boýunça özara hyzmatdaşlyk etmek üçin Eýranyň Russiýadaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi **Kazem Jalali** bilen Russiýanyň inwestiýalar fondunyň (Российского фонда прямых инвестиций) baş direktory **Kirill Dmitriýew**iň arasynda geçirilen duşuşygyň arasy Fahrizadäniň garşysyna amala aşyrylan terakt sebäpli tarpa kesildi.
Waksina söwdasyna Russiýanyň üsti bilen Eýranam girýärmidi? Munuň terakta näme dahyly bardy?
Günbatar metbugaty Fahrizadeh hakynda şu maglumaty ýazmady:
Fizikaçy alym Fahrizade Eýrany ýykan-ýumran eden koronawirus ýokanjyna garşy göreşiň iň esasy adamlarynyň biridi. Ol kowid-19 üçin ilkinji bolup Eýranyň kesel anyklaýyş abzalyny kämilleşdiren toparyň ýolbaşçysydy.
Eýranyň Daşary işler ministri **Mohammad Jawad Zarif** 2020-nji ýylyň 9-njy maýynda kowid-19-yň kesel anyklaýyş abzallaryny ulanyşa goýbermek üçin ygtyýarnamalaryň alnandygyny habar berdi:
”Eýranda öndürilen 40 müň sany kämil test abzalyny Germaniýa,

Türkiýä we beýleki ýurtlara iberdik. Ýene altmyşdan gowrak ýurt muña nobata dur.”
Diñe abzallaram däl…
Eýranyñ Goranmak ministri **Amir Hatami**niñ aýtmagyna görä, Fahrizade kowid-19-a garşy waksinany taýýarlamak işinde möhüm ädimleri äden ylmy toparyñ ýolbaşçysydy…
Fahrizadäniñ ýolbaşçylygyndaky topar kowid-19-yñ waksinasyny kliniki barlaglaryñ bosagasyna getiripdi.
Nämüçindir… ölüminiñ yzyndan Fahrizadäniñ medisina-saglyk sektorynyñ saýlama alymlarynyñ biridigi barada kelam agyz söz ýazylmady.
Teraktyñ düýp maksady şunuñ bilen baglanyşykly bolup bilermi?
Sowaly şu sebäpli berdim:

## ■ ÇAPRAZLYKLAR BAR

Mohsen Fahrizadeh Tähranyñ golaýyndaky **Absard** şäherine barýan ýolda üç sany bronirlenen gorag awtoulagynyñ goragy astynda aýaly bilen bile ok geçirmeýän awtoulagly barýarka duzaga düşürildi.
Terakt bilen baglanşykly şu çaprazlyklar bardy:
– **"New York Times"** we **"BBC"**-niñ berýän maglumatyna görä, Fahrizadäniñ awtoulagynyñ ýanynda odundan mas ýüklenen **"Nissan"** ýük awtoulagy partladyldy.
– Eýranyñ habar beriş serişdeleri "Nissan" ýük awtoulagynyñ gorag konwoýyny saklamak üçin partladylandygyny aýdýar. **"Hyundai Santa Fe"** jip awtoulagynda iki mergenden we motosiklli dört ýaragly kişiden ybarat hüjüm ediji topar Fahrizadäniñ konwoýyna ot açdy.
– **"Fars"** habarlar agentliginiñ aýtmagyna görä, Fahrizadeh awtoulagynyñ tekeri nämedir bir zada degensoñ, awtoulagyndan çykdy we "Nissan" ýük awtoulagynyñ üstünde gurnalan uzak aralyga atýan pulomýot bilen öldürildi. Terak amala aşyrylansoñam "Nissan" partladyldy…
Gepi uzadyp durmagyñ hajaty ýok: heniz bu ganly wakada näçe ölüniñ we näçe ýaralynyñ bardygy-da belli däl.
Häzirki minuda çenli hiç bir tarap hem bu terakty amala

aşyrandygyny mälim etmedi.
Özüñiz pikir edip görüñ: häzir Ysraýylda ýa ABŞ-da waksina boýunça alnyp barylýan işlere ýolbaşçylyk edýän haýsydyr bir alym öldürilse, bütin dünýä aýaga galmazmydy?
Alym Fahrizadeh dünýä jemgyýetçiligine *P"ýadro ýaragyny öndürmek üçin işläp ýören*" biri hökmünde tanadyldy. Onuñ waksina boýunça alyp barýan işlerinden ýeke agyz söz açylmady. Bu ýaşyrynlygyñ, gözboýagçylygyñ maksady näme?
Hemişe tekrarlap gelýärin: **waksina meselesi iññän wajyp meseledir, onuñ ykdysady we syýasy taraplaryny görmezlige salmañ!**

Soner ÝALÇYN.

"SÖZCÜ" gazeti, 01.12.2020 Medisina